# Bahar gelende

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bahar gelende BAHAR GELENDE

Daglaryñ başynyñ eräpdir gary,
Hoştap ysy gelýär juwan baharyñ.
Synlap durkañ bu ajaýyp eseri,
Barha Göge galýar guşganat seriñ.

Kuýaş şöhlesine tap gelip bilmän,
Şildireýär, doñup galan çeşmeler.
Käkilikler läle kakýar gaýada,
(Guşlañ şirin owazyna teşne men).

Ýaýlada «gülýaýdy» dokaýar güller,
Bezäp baýyrlaryñ belendin-pesin.
Sülmüreýär syrdam boýly ak sözen,
Başa atyp keşdelenen kürtesin.

Köñlüm joşup waspyn edýär Diýaryń,
Guş deý ganat ýaýyp, galyp belende.
Neneñ, bu owaza owaz goşmajak,
Berkarar ýurduma bahar gelende.

■ «DAM-DAM» ÇEŞME

Belent dagyñ da:şyn ýaryp,
Dömüp dursuñ, «Dam-dam» çeşme.
Ylham güzerinden ganyp,
Damyp dursuñ, «Dam-dam» çeşme.

«Dam-dam» çeşme,
«Dam-dam» çeşme,
Tämizle sen bu kalbymy,
Gamdan çeşme, gamdan çeşme.
Göripleriñ gözlerinden,
Nadanlaryñ sözlerinden,

Gora meni, «Dam-dam» çeşme.
Teşneleriñ gujagyna,
Ulus-iliñ ojagyna,
Rysgal bolup damsamdym men.
Kir-kimirsiz al-Asmanda,
Ganatlarmy ýaýsamdym men.

«Dam-dam» çeşme,
«Dam-dam» çeşme,
Wysal tapae arzuwlarym,
Bolsañ maña hemdem çeşme.

■ ÝENE ÝAGYŞ ÝAGÝAR

Ýagyş ýagýar, ýene seni ýatladyp,
Ezilip sue bitaý galan göwünler.
Arzuwlarym gitdi meni terk edip,
Natuwan kalbymda goýup düwünler.

Üzülensoñ al-Asmanyñ hünjüsi,
Ak ýagyş gizläpdir Günüñ şuglasyn.
Daglar birýan serpip bilmän kösenýär,
Dereleriñ ho:l ümürsin tutusyn.

Guşlar haýyr-heläk gizlenipdirler,
Seniñ hat-habarsyz ýitişiñ ýaly.
Gör-ä, bu topraga edil seçgi deý,
Siñip gidýär bulutlaryñ yhlasy.

Halymdan habarsyz, sanajyn kakýar,
Garry mama jäjeklerin pytradyp.
Öz-özümden gaçyp gitjek men näler,
Emma ýagyş ýagýar, seni ýatladyp?!

Bahargül MÄMIÝEWA. Goşgular